Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2015-nji ýylyň «14» oktýabrynda
[illegible] san bilen bellige alyndy

“Ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegini bermegiň Tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2015-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda çykaran 126-Ö belgili buýrugy

**Ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegini bermegiň Tertibini tassyklamak hakynda**

«Welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleriniň işini kämilleşdirmek hem-de käbir metjitleri Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine bermek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 5-nji martynda çykaran 14156-njy kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegini bermegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe ministriniň orunbasarlary hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň başlyklary gözegçilik etmeli.

**Ministr** — **M. Muhammedow**

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň
2015-nji ýylyň 30-njy
sentýabryndaky
çykaran 126-Ö belgili buýrugy
bilen tassyklanyldy

**Ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegini bermegiň Tertibi**

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegini bermegiň Tertibi (mundan beýläk-Tertip) «Welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleriniň işini kämilleşdirmek hem-de käbir metjitleri Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine bermek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 5-nji martynda çykaran 14156-njy kararyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegini bermegiň tertibini kesgitleýär.

2. Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine berilýän maliýe kömeginiň maksatlaýyn häsiýeti bolup, ol başga maksatlar üçin peýdalanyp bilinmeýär.

3. Şu Tertibiň maksatlarynda «Welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleriniň işini kämilleşdirmek hem-de käbir metjitleri Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine bermek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 5-nji martynda çykaran 14156-njy kararyna laýyklykda Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine ýerli býujetleriň hasabyna berilýän maliýe kömegi şu aşakdaky çykdajylaryna gönükdirilýär:

Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetiniň welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki, şol sanda etraplardaky we şäherlerdäki wezipe birliklerini saklamaklyga (goşmaça haklary we olara deňleşdirilen tölegleri hasaba almak bilen, tassyklanan wezipe sanawlaryna laýyklykda zähmet haky boýunça tölegleri, şeýle hem hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa gatançlarynyň tölegleri üpjün etmeklige);

Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetiniň „Beýik Saparmyrat Hajy", „Ärtogrul Gazy", „Azady", „Şehitler", „Hezreti Abu Bekr", „Hezreti Omar", „Hezreti Osman" metjitleriniň saklanylmagyna (gündelik çykdajylaryna, şol sanda metjitleri düýpli abatlamaklyga).

## II. Maliýe kömegini meýilnamalaşdyrmak

4. Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine berilýän maliýe kömeginiň möçberini meýilnamalaşdyrmak Türkmenistanyň nobatdaky maliýe ýyly üçin Döwlet býujetiniň taslamasynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

5. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri degişli maliýe ýyly üçin ýerli býujetiniň taslamasynda Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine berilýän maliýe kömegi üçin serişdeleri göz öňünde tutup, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerine hödürleýärler.

## III. Maliýe kömegini bermek we hasabatlylyk

6. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan resmileşdirilen töleg resminamalary Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Baş maliýe müdirliklerine tabşyrylýar we maliýe müdirlikleri býujet serişdelerini peýdalanmak boýunça hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda hödürlenen resminamalary barlaýar.

7. Maliýe kömegi üçin ýerli býujetden bölünip beriljek serişdeleri welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleriniň Gazna bölüminden welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan hödürlenýän töleg tabşyrygy esasynda Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetiniň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär.

8. Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýeti tarapyndan maliýe kömegi üçin býujet serişdeleriniň sarp edilişi baradaky hasabatlar bellenen tertipde, her çärýekde welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerine we Baş maliýe müdirliklerine berilýär.

9. Berlen maliýe kömegi boýunça serişdeleri sarp etmegiň esaslandyrylyşyna, töleg resminamalaryň dogry we dürs resmileşdirilişine hem-de serişdeleriň maksada laýyk ulanylyşyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýeti gözegçilik edýär.

10. Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýetine maliýe kömegi olaryň çykdajylar sanawyna laýyklykda bölünip berilýär. Berlen maliýe kömegi tygşytlylyk düzgünini we bellenen maksadyny berjaý etmek bilen harçlanylmalydyr.

11. Maliýe kömeginiň meýilnamalaşdyrylyşyna we olar boýunça serişdeleriň harçlanylyşyna Türkmenistanyň Müftüsiniň müdiriýeti tarapyndan hasaplanan çykdajy sanawy esasynda, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan hödürlenen töleg resminamalaryna laýyklykda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirlikleri gözegçiligi amala aşyrýar.